# Täze barlaglaryñ netijesi: Emeli añ adamzady ýok etjek «Uly filtr» bolup biler

Category: Kitapcy,Ylym we tehnologiýa
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täze barlaglaryñ netijesi: Emeli añ adamzady ýok etjek "Uly filtr" bolup biler TÄZE BARLAGLARYÑ NETIJESI: EMELI AÑ ADAMZADY ÝOK ETJEK «ULY FILTR» BOLUP BILER




*Kämilleşdirilen emeli añ adamlar bilen ahyrynda dünýäni bölüşip bilmän dawalaşjak «ikinji akylly jandar» hökmünde orta çykyp biler*

Täze geçirilen barlag kämilleşdirilen emeli añyñ adamzat üçin betbagtçylyk howpuny döredip, siwilizasiýalary tutuşlygyna ýok edip biljekdigini duýdurýar.

«ArXiv»-de çap edilen we heniz gözegçilik barlagyndan geçmedik ylmy işde Fermi paradoksynyñ «Uly filtriniñ» jogabynyñ emeli añda gizlenip ýatan mümkindigini we emeli añyñ älemdäki akylly ýaşaýşy beýlekileri bilen aragatnaşyga geçmezden öñ ýok etme mümkinçiliginiñ bardygy öñe sürüldi.

«Her kim nirede?» sözi bilen populýar görnüşde düşündirilen Fermi paradoksy onlarça ýyllap alymlarynyñ pikirini bulaşdyryp gelýär. Fermi paradoksy älemde ýer togalagyndan başga ýerde ýaşaýşyñ bolma ähtimallygy bar bolsa, onda adamlaryñ nämüçin henize-şu güne çenli oña duş gelmändigi babatdaky ynjalykdan gaçyryjy pikire ünsi çekýär. Häzire çenli kosmosdaky

ýalňyzlygymyza dürli-dürli düşündirişleri berýän birnäçe teoriýa öňe sürüldi.
Meşhur «Dreýk deňlemesi» ýaly ähtimallyk hasaplamalary galaktikada köp sanly akylly siwilizasiýalaryň bar bolup biljekdigini görkezýänem bolsa, älemdäki ümsümligiň henizem dowam etmegi näme pikir etjegiňi biler ýaly edenok.
«Uly filtr» diýilýän populýar gipoteza akylly ýaşaýşyň ýüze çykmagy üçin gerekli käbir hadysalaryň entek bolarly däldigini, kosmiki ümsümligiňem şundan gelip çykýandygyny öňe sürýär. Şeýle teoriýanyň logiki garşylygy heläkçilige alyp barýan käbir kosmiki fenomenleriň ýaşaýşyň älemiň çägijde giňemeginiň öňüni alýan bolmagynyň mümkinligidir.
Ylmy işiň awtory ABŞ-nyň Merilend ştatyndaky Brukmond Döwlet uniwersitetinden (Университет Нешнел Интеллигенс/National Intelligence University/NIU) Mark Beýli «Şeýle ýagdaý öz-özünden emele gelen ýagdaý ýa-da hasam howatyrlandyryjy görnüşde, akylly jandarlaryň özlerine eden we ýok bolmaklaryna iteren zat bolmagy mümkin» diýip ýazdy.




Täze barlagyñ orta goýan teoriýasy emeli aňyň ösmeginiň ähli siwilizasiýalary ýok edip biljek derejede ýykgynçylykly howp-hatar döredip biljekdigini nygtaýar. Ylmy işde Beýli emeli aň ýaly biziň doly düşünip ýetişmedik tehnologoýalarymyzyň uzak wagtlaýyn potensial howpuny «Uly filtre» baglanyşdyryp baha berýär.
NIU-ly alym «Adamlar uzak wagtlaýyn howpy çaklap bilerden pes» diýdi we emeli aňa doly düşünmedik ýagdaýymyzda bu tehnologiýanyň «durmuşymyza barha çalt aralaşýandygyny» ýatlatdy.
Doktor Beýli «ikinji jandar argumenti» hökmünde atlandyran ösen emeli aň bilen ahyrsoňy goja planetamyzy paýlaşmaly boljakdygymyzy, onuň gönüden-göni «ikinji akylly jandar» ýaly hereket etmek ähtimallygyny orta goýan pikirini öňe sürdi. Häzirkizaman adamsy bilen neandertallar dünýäde bir ýerde

ýaşanlarynda nämeleriñ bolup geçendigini göz öñüne tutýan NIU-nyñ ylmy-barlagçylary «potensial netijeleriñ janyñy alyp gelýändigini aýtdy.

Doktor Beýli ylmy işinde «kontroldan çykan tehnologiýanyñ, aýratybam emeli añ ýaly belli bir maksat bilen öndürilýän tehnologiýanyñ güýçli «Uly filtrlige» talaş etmegi bolup biläýjek zat» diýip ýazdy.

Biz özümizden şeýle ähtimallyga nähili taýýarlanmagyñ gerekdigini soramaga borçludyrys.

Wişwam SANKARAN.

Şenbe, 13.05.2023 ý. Ylym we tehnologiýa